# Kadir Şeker

Category: Jemgyýetçilik tankydy,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Kadir Şeker KADIR ŞEKER




Ýalňyşdyň, Kadir…
Zenany uran bigaýraty öldürdiň, ardurja 12 ýyl gözenegiň aňyrsynda ýatmaly bolduň.
Emma sen şol bigaýragyň ýerine zenany öldüren bolsadyň, häzir öýüňde ýatardyň.
■ Aýalyny taýak bilen ura-ura öldürip, soňam seresapsyzlyk bilen adam öldürmekden jogapkärçilige çekilip, bir ýyldan soň azatlyga çykýanlar bar, bu ýurtda.

■ Aýalyny maňlaýyndan tüpeňläp, soňam «tüpeňimiň nilini arassalap durdym, haý Alla, edenim bar bolsun, säwlik bilen ok göçäýdi!..» diýip aglamjyrap bilýänler bar, bu ýurtda.

■ Segsen ýaşyndaky aýalyny pyçaklap öldürip, «segsen üç ýaşadym, iň bolmanda ýaşymy sylaň» diýip, jezalandyrmagyň zerurlygy ýok hasaplanyp jogapkärçilikden boşadylýanlar bar.

■ On ýedi ýaşly gyzjagazy özüne aşyk bolanok, sözümi alanok diýip 35 ýerinden pyçaklap, kellesini tokly byçgy bilen kesenden soň, holodilnige salyp goýan manýagy bary-ýogy bäş ýyl gözenegiň aňyrsyna oklap, soň azatlyga çykardylar, bu ýurtda!

■ Ýaşaşasy gelmän, aýrylyşmak islän aýalyny eleme-deşik edip öldüren, 26 sm-lik pyçagy 37 gezek sokan, soňam 26 sm-lik

pyçaga «öldüriji derejede däl» kesgitlemesini alyp, jeza çäresini ýeňilleşdirip bilýänler bar.

■ “Kakam meni zorlady” diýen gyzyny öldürip, “kakasyny köpçülikde masgaralady” diýen tutaryga duwlanyp, janyny halas edenler bar.

■ Tokaýda birini zorlap durka etmişiniň üstünde tutulyp, «jenaýat heniz doly amala aşmandyr, ýarpy galypdyr» tutarygy bilen jogapkärçilikden sypdyrylýanlar bar.

■ göwreli aýala gün bermän, soňam ony bogup öldürip, sud mejlisine-de penjek-jalbarlyja, galstuklyja gelendigi üçin hukuk goraýjy edaralara goýýan «hormatyndan» ötri jeza çäresine ýeňilleşdirýän şertleri goşdurýanlar bar.

■ Öldürip, guýa atyp, yzyndan «jebir çeken losina (kolgotka) geýýändiginiň üstünde bolan eken» diýip, jeza çäresine ýeňillikli şertleri alýanlar bar, potolokdan asyp goýup «pirsing dakýandygy sebäpli edipdir» diýip jeza çäresine ýeňillikli şertler alýanlar bar, suwasalma ýenjilen jebir çeken «trawesti eken, şoň üçin bolan zat» diýip, ýeňillikli şertler alan jenaýatkärler bar, sapança bilen atyp «nätanyş adamlara köçede sagat sorap, oýun edipdir» tutarygy bilen ýeňillikli şertler alan bar, benzin döküp otlap, «hammama köp girýärdi welin, menem şübhelendim» diýip, jezasyny ýeňilleşdirip bilýänler bar, damagyny çalyp, «menden bidin bazara gidip-gelipdir» diýip jezasyny ýenilleşdirip bilýänler bar.

■ Bursada bir aýaly ogly ýassyk bilen bogup öldürýär, «näme üçin öldürdiň?» diýip soralanda, birinji beren görkezmesinde «düýşümde ejemi öldürmegi buýurdylar» diýýär, soňam «meni adamlaryň ýanynda kemsidýärdi» diýýär, iň soňunda-da «geroin satyn almak üçin pul soradym, bermedi» diýýär. Ynanýaňyzmy, bu bigaýrata «ejeli-ogulyň arasyndaky gatnaşyk öňem sowuk eken» tutarygy bilen jeza çäresi ýeňilleşdirildi!

■ On alty ýaşly gyzyny zorlukly alyp gaçyp, eden etmişiniň

üstüni dini nika gyýdyran bolup örten, soňam ony gabanjaňlyk bilen pyçaklap öldüren, bary-ýogy dört ýyl türmede ýatyp, amnistiýa düşüp azatlyga çykan, çykan badyna-da dul bir aýaly nikalaşjak diýip aldan, aýal biçäre aldanandygyny duýup, ondan daşlaşmag çalşanda, neressänim kellesini palta bilen darka iki bölen, munuň üçin bary-ýogy alty ýyl türmede ýatyp, ýene azatlyga çykan, adaty ýagdaýda köpçülige çykarylmaly adam däldigine garamazdan «öýlenmäge talaşgär ýigit» hökmünde teleýaýlymlardaky durmuş gurma gepleşiklerine çykarylan bigaýratlar bar, bu ýurtda.
«Öýlenmäge talaşgär» bu ýigidiň (!) teleýaýlymlarda «maşgala gurmak isleýän hoşniýetli gandar» hökmünde el çarpylyp garşylanan güni… Kastamonuda başga bir bigaýratyň biri aýalyny ýençýärdi, ýumruklap durka bilindäki sapança ýere gaçdy, aýal biçäre janhowluna sapançany garbap ald, mäşäni gysdy, bigaýrat öldi, aýala 17 ýyl berdiler!
Ýarag zory bilen aýal-gyzlary zorlan, göwreli edip taşlan, «çagalaryňy öldürerin» diýen haýbaty atyp jynsy zorlugyny dowam etdiren, «oýnaşyňdygymy aýdaryn, sen ile çykmaz ýaly ederin, saňa däl, maňa ynanarlar» diýip gorkuzyp jynsy zorluklaryna dowam eden, jenaýat bolan gijesi zor bilen penjireden girjwk bolan körekenini aw tüpeňi bilen atyp öldüren zenana… türme tussaglygy berildi, bu ýurtda!
Erjek zenany öldürse, indi aýybam görlenok.
Zenan erkegi öldürse, eger atuw jezasy dagy bar bolsa, şobada atuwa beräýjekler.
Ýalňyşdyň, Kadir…
Zenany uran bigaýraty öldürdiň.
Käşgä, oýlanşyklyja hereket edip şol bigaýrat bilen birlikde zenany-da öldüren bolsadyň, iń bolmanda özüňe beriljek jezany ýeňilleşdirerdiň.

Ýylmaz ÖZDIL.

«SÖZCÜ» gazeti, 17.10.2020 ý.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW. Jemgyýetçilik tankydy